Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

#34(265)

четверг, 21 августа 2025 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

Международные новости




# TÜRKMENISTAN DEŇZE ÇYKALGASY BOLMADYK ÖSÜP BARÝAN DÖWLETLERIŇ ÝAŞLARYNYŇ TAGALLALARYNY BIRLEŞDIRÝÄR

Şu ýylyň 5 — 8-nji awgusty aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty üstünlikli geçirildi. Maslahatyň çäklerinde guralan Ýaşlar forumy DÇBÖBD-niň ýaşlarynyň durnukly ösüş, sanly özgertmeler, howanyň üýtgemegi ýaly döwrüň möhüm meseleleri boýunça pikir alyşmagy üçin meýdança bolup hyzmat etdi. Forum bu ýurtlaryň ýaşlarynyň arasynda öňdebaryjy tejribeleri alyşmak, täze taslamalardyr başlangyçlary durmuşa geçirmek üçin tagallalary birleşdirmekde möhüm ädim boldy. Munuň özi Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde häzirki zaman ösüşiniň kuwwatly güýji bolan ýaşlaryň täzeçil pikir-garaýyşlaryna uly orun berilýändiginiň nyşanydyr.

Inklýuziw ösüş üçin ýaşlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilen giň möçberli foruma deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ýaş wekilleri bilen bir hatarda, Türkmenistanyň ýaşlarynyň hem işjeň gatnaşmagy ýurdumyzda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň nobatdaky güwäsi boldy. Diýarymyzda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ýaşlar syýasaty boýunça halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek babatda zerur tagallalar edilýär. Türkmenistanyň başlangyjy esasynda döredilen Merkezi Aziýa döwletleriniň ýaşlar dialogyny muňa mysal hökmünde görkezmek bolar. Onuň ilkinji duşuşygy 2023-nji ýylyň oktýabrynda Arkadag şäherinde, ikinjisi bolsa şu ýylyň aprelinde BMG-niň Nýu-Ýorkdaky ştab-kwartirasynda geçirildi. Bu duşuşyga dünýäniň 45 ýurdundan wekiller gatnaşdylar. Dialogyň duşuşyklaryna gatnaşyjylaryň ýüzlenmeleri bolsa BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji we 79-njy sessiýalarynyň resminamalary hökmünde çap edildi.

...Forumyň dowamynda DÇBÖBD-de çözgütleri kabul etmek işine ýaşlaryň işjeň gatnaşmagyny üpjün etmäge, olaryň hukuklaryny, mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilen «Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň geljegi üçin köprüleri gurmak» atly Ýaşlar jarnamasynyň tassyklanylmagy Awaza maslahatynyň halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekdäki ähmiýetini has-da artdyrdy. Ýaşlar jemgyýetiň aýrylmaz bölegi bolup, olaryň çözgütleri kabul etmäge gatnaşmagy durnukly ösüşi üpjün etmegiň möhüm şerti bolup çykyş edýär. Şoňa görä-de, bu Jarnama ýaşlaryň öz geljegini we ýurtlarynyň geljegine degişli strategiýalary döretmäge işjeň gatnaşmagyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Ýaşlaryň nurana geljek baradaky garaýyşlary beýan edilen Jarnama olaryň 2024 — 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasyna hem-de DÇBÖBD-niň durnukly ösüşine goşant goşmaga ygrarlydygyny görkezýär.

Resminamada durnukly ösüşiň, abadançylygyň, özara düşünişmegiň binýady hökmünde sebitleýin hyzmatdaşlygy we ýaşlaryň

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО РЕСПУБЛИКИ ИНДИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Индия г-же Драупади Мурму, Премьер-министру Республики Индия Нарендре Моди и всему народу страны по случаю Национального праздника Республики Индия – Дня независимости.

Отметив последовательное укрепление и обогащение отношений между обеими странами, глава государства выразил заинтересованность в дальнейшем развитии двустороннего сотрудничества и достижении в этом направлении новых высот.

Пользуясь возможностью, Президент Туркменистана адресовал Президенту Драупади Мурму и Премьер-министру Нарендре Моди пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Республики Индия – мира, благополучия и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ КОРЕЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Корея Ли Чжэ Мёну и народу страны по случаю 80-летия Национального праздника Республики Корея – Дня освобождения.

Отметив высокий уровень дружественных отношений между обеими странами, глава государства выразил твёрдую уверенность в их дальнейшем развитии и укреплении на благо народов Туркменистана и Республики Корея.

Пользуясь возможностью, Президент Туркменистана выразил Президенту Ли Чжэ Мёну пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Кореи – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ ИНДОНЕЗИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Индонезия Прабово Субианто по случаю Национального праздника Республики Индонезия – 80-летия независимости.

Пользуясь этой возможностью, глава Туркменского государства выразил Президенту Прабово Субианто искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Индонезии – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО ВЕНГРИИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Венгрии Тамашу Шуйоку, Премьер-министру Венгрии Виктору Орбану и народу страны по случаю национального праздника – Дня Святого Стефана.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Президенту Тамашу Шуйоку и Премьер-министру Виктору Орбану искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а дружественному народу Венгрии – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

# TÜRKMENISTAN DEŇZE ÇYKALGASY BOLMADYK ÖSÜP BARÝAN DÖWLETLERIŇ ÝAŞLARYNYŇ TAGALLALARYNY BIRLEŞDIRÝÄR

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

arasyndaky dialogy pugtalandyrmagyň möhümdigi tassyklanylýar. Şunda uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy ýola goýmak, parahatçylyk, ynanyşmak medeniýetini ösdürmek, bilim, innowasiýalar, raýdaşlyk arkaly ýaşlaryň mümkinçiliklerini açmak üçin dialog platformalaryny döretmäge çagyryş beýan edilýär. Şunuň bilen birlikde, Jarnamada bu ýurtlarda ylmyň, tehnologiýalaryň, innowasiýalaryň ulanylmagynyň gerimini giňeltmek esasynda ýaşlaryň iş bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmagyň, olaryň bähbitlerini göz öňünde tutýan düzümleýin özgertmeleri amala aşyrmak boýunça bilelikdäki tagallalary durmuşa geçirmegiň zerurdygy bellenilýär. Senagatyň köp täze pudaklary ýaşlar tarapyndan ösdürilýär. Bu pudaklar DÇBÖBD-niň ykdysadyýetiniň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna, ýurtlaryň söwda mümkinçilikleriniň artmagyna uly goşant goşýar. Ýaşlaryň bu pudaklaryň işine gatnaşmagy deňze göni çykalgasy bolmadyk döwletleriň dünýä derejesinde bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrýar. Bu bolsa ykdysadyýetiň has durnukly hem depginli ösmegine getirýär. Şu nukdaýnazardan, resminamada DÇBÖBD-niň ýaşlarynyň bütindünýä söwda ulgamyna goşulmagy babatda netijeli ugurlar hökmünde sanly söwdany, elektron täjirçiligi ulanmagyň, sanlylaşdyrmagyň, tehnologik innowasiýalaryň öňdäki hatarlarda bolmagy üçin olaryň mümkinçilikleriniň höweslendirilmeginiň möhümdigi nygtalýar.

Ýaşlar jarnamasynda howanyň üýtgeýän şertlerinde durnukly ulag infrastrukturasynyň, bank we ulag taslamalarynyň ösdürilmeginiň wajypdygyna, bu başlangyçlaryň ilerledilmeginde bolsa ýaşlaryň öňdebaryjy orunlary eýelemelidigine üns çekilýär. Ol ulag ulgamyny üpjün etmek üçin gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerine uly möçberde maýa goýumlary, ulag geçelgeleriniň geçirijiligini artdyrmak maksady bilen, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň ulanylmagyny öz içine alýar. Jarnamada ylym-bilim meselesine aýratyn orun berlip, hususan-da, kompýuter okuw merkezlerini döretmäge, ýokary bilime elýeterliligiň gerimini giňeltmäge hem-de STEM (Ylym, Tehnologiýa, Inženerçilik we Matematika) ulgamynda bilimiň pugtalandyrylmagyna çagyryş beýan edilýär. Sanly özgertmelere ýardam berilmegi, tehnologiýalaryň has giňden ornaşdyrylmagy, innowasion ekoulgamlaryň ösdürilmegi ýaşlarda geljek üçin zerur bolan maglumataragatnaşyk tehnologiýalary bilen işlemek endiklerini kemala getirmek üçin aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolýar.

Resminamada ýaşlaryň öz pikirlerini erkin beýan edip bilýän we çözgütleri kabul etmek işine işjeň gatnaşmagyny üpjün edýän inklýuziw gurşawy döretmegiň möhümdigine üns çekilýär. Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde geçirilen Ýaşlar forumynyň esasy maksadynyň Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek bilen gönüden-göni bagly bolup, onuň ählumumy ösüş strategiýalarynyň durmuşa geçirilmeginde ýaşlaryň mümkinçiliklerinden peýdalanmaga gönükdirilendigini bellemek gerek. Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde ýaşlaryň orny örän uludyr. Olar diňe bir geljekki ýolbaşçylar, hünärmenler bolmak bilen çäklenmän, eýsem, häzirki döwrüň derwaýys meselelerini çözmäge-de işjeň gatnaşýarlar. Ýaşlaryň täze pikirlere has açyk bolmakla-ry, sanly tehnologiýalardan ýokary derejede peýdalanmagy başarmaklary maglumatlary netijeli dolandyrmaga, ählumumy meseleleri çözmekde netijeli çemeleşmeleri işläp taýýarlamaga ýardam berýär.

Ýaşlar howanyň üýtgemegine garşy göreşmek, ýokary hilli bilim, gender deňligi, jogapkärçilikli sarp ediş we önümçilik, parahatçylyk döredijilik ýaly ugurlarda has-da işjeňlik görkezýärler. Häzirki wagtda howanyň üýtgemegi bilen bagly mesele ekoulgamdan başlap, ykdysadyýete çenli durmuşyň ähli ugurlaryna täsirini ýetirip, ählumumy derejede gyssagly we netijeli hereketleri talap edýär. Ýaşlar ylym-bilim, tehnologiýalar arkaly Durnukly ösüşiň howanyň üýtgemegine garşy göreşmäge gönükdirilen maksadyny amala aşyrmak boýunça tagallalara saldamly goşant goşýarlar, hususan-da, zyňyndylary azaltmak we «ýaşyl» ykdysadyýeti ilerletmek bilen bagly innowasion taslamalary taýýarlaýarlar. Şeýle hem olar bilim platformalaryny döretmek, bilimiň hilini ýokarlandyrmak arkaly onuň inklýuziw, elýeterli bolmagyny üpjün etmekde wajyp wezipäni ýerine ýetirýärler.

Häzirki wagtda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ilatynyň 58 göterimi 25 ýaşa çenli ýaşlardyr. Munuň özi geljek onýyllyk göz öňünde tutulanda, 140 milliona golaý adama deňdir. Bu ýurtlaryň geografik, ykdysady, infrastruktura we beýleki birnäçe päsgelçilikler bilen ýüzbe-ýüz bolýandygy üçin ýaşlaryň telekeçilik başlangyçlaryna möhüm orun degişlidir. Şoňa görä, ýaşlaryň telekeçilik başlangyçlaryny goldamak hem Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde derwaýys meseleleriň biri bolup durýar. Ýaş telekeçiler durmuş, ekologik innowasiýalaryň hereketlendirijisi bolup çykyş edýärler. Olaryň başlangyçlaryny maliýeleşdirmek gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri, «ýaşyl» tehnologiýalar, durnukly oba hojalygy ýaly ugurlarda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge goşant goşýan işewürlik nusgalaryny döretmäge ýardam edip biler.

Döwletimiziň ýaşlaryň telekeçiligini işjeň goldaýandygyny nygtamak gerek. Ýaş telekeçilere maslahat, serişde, maliýe goldawy berilýär. Munuň özi kiçi we orta telekeçiligi ösdürmäge, netijede, milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem ýerli, halkara derejede ýaşlar guramalarynyň we jemgyýetleriniň döredilmegi öňdebaryjy tejribäni alyşmagy aňsatlaşdyrýar. Şeýle hyzmatdaşlyk ýaşlaryň tagallalaryny birleşdirmäge, bilelikdäki taslamalaryň üstünde işlemäge we halkara giňişlikde eýeleýän ornuny pugtalandyrmaga şert döredýär. Bu çemeleşmeleriň durmuşa geçirilmegi diňe bir ýaşlaryň mümkinçiliklerinden peýdalanmak bilen çäklenmän, eýsem, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin inklýuziw, ösen jemgyýeti kemala getirmäge-de itergi berýär. Şunuň bilen baglylykda, Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmakda Türkmenistanda alnyp barylýan işler möhüm ähmiýete eýedir. Ýurdumyz bu maksatlary döwlet syýasatyna işjeň ornaşdyryp, şunda ýaş nesliň wekillerine uly orun berilýär.

Türkmenistan BMG-niň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibini kabul edip, onuň durmuşa geçirilmegine aýratyn üns berýär we bu işe toplumlaýyn çemeleşýär. Mälim bolşy ýaly, durnukly ösüşi gazanmaga gyzyklanma bildirýän ähli taraplaryň, aýratyn-da, ýaşlaryň işjeň gatnaşmagy zerurdyr. Çünki durnukly ösüş geljek nesiller üçin örän wajypdyr. Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgä esaslanýan, ilatyň ýaşaýyşdurmuş derejesini has-da gowulandyrmaga, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, ylmy, innowasiýalary goldamaga gönükdirilen giň gerimli durmuş-ykdysady maksatnamalar amala aşyrylýar. Ýaşlaryň telekeçiligine goldaw bermek, gurluşyk-senagat, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri, maglumat-aragatnaşyk, logistika, oba hojalygy ýaly pudaklarda iş orunlaryny döretmek babatda giň gerimli çäreler durmuşa geçirilýär. Erkin ykdysady zolaklaryň döredilmegi, kiçi we orta telekeçilige döwlet tarapyndan goldaw berilmegi, hünär taýýarlygy boýunça täze ugurlaryň açylmagy ýaşlaryň mümkinçiliklerini has-da giňeldýär.

Adam maýasyna gönükdirilýän serişdeler aýratyn ähmiýete eýedir. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan hemmeler üçin elýeterli ýokary hilli bilimi üpjün etmäge ygrarlydyr. Ýurdumyzda hemmetaraplaýyn bilim almaga, şol sanda bu ugurda sanly ulgamy giňden ornaşdyrmaga uly üns berilýär. Milli bilim ulgamy döwrebaplaşdyrylýar, okuw edaralary häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilýär, okuw maksatnamalaryna bolsa innowasion usullar girizilýär. Sanly sowatlylyga aýratyn üns berilýär. Munuň özi ýaşlara diňe bir milli derejede däl, eýsem, halkara derejede-de bäsdeşlige ukyply bolmaga mümkinçilik berýär.

Türkmen ýaşlary dürli ulgamlarda Durnukly ösüş maksatlaryny ilerletmäge işjeň gatnaşýarlar. Olar daşky gurşawy goramak boýunça alnyp barylýan umumymilli işiň öň hatarynda durýarlar. Ýaşlaryň bag nahallaryny ekmek baradaky başlangyçlary ählumumy ekologik tagallalara goşantdyr. Häzirki wagtda türkmen ýaşlary öz şahsy saglygy üçin jogapkärçiligine has aýdyň düşünýärler. Sagdyn durmuş ýörelgeleriniň wagyz edilmegi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyzda ýaşlaryň sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaklary üçin döwrebap sport toplumlary gurulýar. Welosipedli ýörişler, marafonlar, spartakiadalar ýaşlarda fiziki işjeňlik medeniýetini terbiýeleýär.

Suw serişdelerini netijeli dolandyrmak howanyň üýtgemeginiň täsirini azaltmakda hem-de oňa uýgunlaşmakda möhüm orny eýeleýär. Olaryň rejeli ulanylmagy Türkmenistanyň Suw hakyndaky kodeksi tarapyndan üpjün edilýär. Suwdan peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak, ýurdumyzda goşmaça suw gorlaryny döretmek maksady bilen, täze suw howdanlaryny döretmek, ozal bar bolanlaryny giňeltmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.

Dürli bilim maksatnamalarynyň, medeni alyşmalaryň, ýaşlar forumlarynyň netijesinde türkmen ýaşlary halklaryň arasyndaky gatnaşyklary has-da pugtalandyrmaga ýardam edip, abadan durmuşyň üpjün edilmegine uly goşant goşýarlar. Olar ähli ulgamlarda, şol sanda bilim, tehnologiýalar we telekeçilik ulgamlarynda amala aşyrylýan giň gerimli maksatnamalardyr taslamalara işjeň gatnaşýarlar. Bu başlangyçlar aýry-aýry taslamalar däl-de, eýsem, ýaşlaryň mümkinçiliklerini ösdürmäge has giň, toplumlaýyn milli çemeleşmäniň aýratyn bölegi bolup, 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek boýunça Türkmenistanyň strategik garaýyşlaryna doly laýyk gelýär.

**(TDH)**

# TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ PREZIDIUMYNYŇ MEJLISI

20-nji awgustda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Halk Maslahatynyň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda geňeşiň guramaçylyk meselelerine garaldy we bu düzümiň ýerlerde alyp barýan işleri ara alnyp maslahatlaşyldy, öňde durýan wezipeler kesgitlenildi.

Ýurdumyzyň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine ýokary derejede taýýarlyk görmek, bu ugurda bilelikdäki tagallalary etmek wajyp meseleleriň biridir. Gahryman Arkadagymyz Ýaşulular geňeşiniň nobatdaky mejlisinde çykyş edip, şu günki mejlisde guramaçylyk meselelerine seretmekçidigini belledi. Şeýle hem Milli Liderimiz ýaşulular bilen geňeşiň ýerlerde alyp barýan işleri, öňde durýan wezipeler, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk toýuna, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine ýokary derejede taýýarlyk görmek boýunça alnyp barylýan işler barada söhbet etmek kararyna gelendigini aýtdy. Ýaşulular geňeşiniň öňünde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň gün tertibindäki soraglary, döwletimiziň içeri we daşary syýasatyny halka düşündirmek, wagyz etmek, Türkmenistany syýasy, ykdysady, medeni taýdan ösdürmek boýunça degişli işleri geçirmek, olary ara alyp maslahatlaşmak wezipesiniň durýandygyny belläp, Gahryman Arkadagymyz şu günki mejlisiň gün tertibine guramaçylyk soragynyň girizilendigine ünsi çekdi hem-de bu mesele boýunça çykyş etmek üçin Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanynyň iş dolandyryjysy R.Bazarowa söz berdi.

R.Bazarow ýaşululary döwletimiziň jemgyýetçilik durmuşyna işjeň çekmek, halkymyzyň jebisligini pugtalandyrmakda, döwlet ähmiýetli meseleleri parasatlylyk bilen maslahatlaşyp çözmekde olaryň baý zähmet hem-de durmuş tejribesini peýdalanmagyň asylly däbe öwrülendigini belledi we Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň agzalary bilen maslahat geçirilendigini, onda geňeşiň agzalary boýunça ýerlerden gelip gowşan teklipleriň ara alnyp maslahatlaşylandygyny aýtdy.

Maslahatyň netijesinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň we Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň Aşgabat şäheri boýunça agzalary, Hormatly il ýaşululary Rejepmämmet Ataýewi hem-de Orazmuhammet Hojatowy, saglyk ýagdaýy sebäpli, geňeşiň düzüminden çykarmak; Aşgabat şäheri boýunça Ýaşulular geňeşiniň düzümine Hormatly il ýaşululary Meretgeldi Gulgeldiýewi we Italmaz Saparlyýewi hödürlemek; geňeşiň Ahal welaýaty boýunça agzasy, Hormatly il ýaşulusy Şaberdi Amansaparowy, saglyk ýagdaýy sebäpli, Ýaşulular geňeşiniň düzüminden çykarmak baradaky meselelere seredilip, geňeşiň düzümine Ahal welaýaty boýunça Arkadag şäheriniň Ýaşulular geňeşiniň wekili, Hormatly il ýaşulusy Kakajan Täşliýewi hödürlemek barada karara gelindi. Şunuň bilen baglylykda, R.Bazarow Gahryman Arkadagymyzdan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Ýaşulular geňeşiniň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň düzümini tassyklamak hakynda Kararlara gol çekmegini haýyş etdi.

Beýan edilen teklipleriň Ýaşulular geňeşiniň agzalary tarapyndan biragyzdan goldanylýandygyny aýdyp, Milli Liderimiz Ýaşulular geňeşiniň mejlisinde gelnen netijä we çözgütlere laýyklykda, «Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Ýaşulular geňeşiniň düzümini tassyklamak hakynda» hem-de «Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň düzümini tassyklamak hakynda» Kararlara gol çekdi.

Gahryman Arkadagymyz şu ýylyň sentýabrynda giňden belleniljek ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk toýuna hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine ýokary derejede taýýarlyk görmek barada hormatly Prezidentimiz tarapyndan degişli tabşyryklaryň berlendigini nygtap, däp bolşy ýaly, her ýyl agzybir halkymyzyň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň baş baýramyny aýratyn buýsanç bilen garşy alýandygyny belledi.

*(Dowamy 3-nji sahypada).*

# TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ PREZIDIUMYNYŇ MEJLISI



*(Başlangyjy 2-nji sahypada).*

Sebäbi bu sene Garaşsyz ýurdumyz hemde halkymyz üçin aýratyn ähmiýetli, buýsançly, biziň her birimizi has belent maksatlara galkyndyrýan şanly wakadyr. «Ýurdumyzyň Garaşsyzlyk baýramynyň bellenilýän günlerinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisini geçirýäris. Bu mejlisde Garaşsyz döwletimiziň ösüşinde gazanylan üstünlikleriň, ýetilen belent sepgitleriň, ýerine ýetirilen işleriň jemini jemläris. Şeýle hem döwrüň talaplaryndan, täze ykdysady şertlerden ugur alyp, täze taryhy döwürde öňümizde durýan möhüm wezipeleri ara alyp maslahatlaşarys. Geňeşiň agzalaryndan hem Türkmenistanyň Halk Maslahatyna taýýarlyk görmekde degerli tekliplere garaşýarys» diýip, Milli Liderimiz sözüni dowam etdi.

Ýurdumyzy hemmetaraplaýyn ösen döwlete öwürmek, her bir adamyň bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmegiň hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasatynyň esasy maksady bolup durýandygyny aýdyp, Gahryman Arkadagymyz ýaş nesle aýratyn alada we mähir bilen garap, olara iň oňat zatlary bagyş etmek baradaky türkmen halkynyň gadymdan gelýän asylly däpleriniň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze many-mazmuna eýe bolýandygyna ünsi çekdi. Ýurdumyzda alnyp barylýan işler geljegimiz bolan çagalaryň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge, olara hemmetaraplaýyn goldaw bermäge gönükdirilýär.

Milli Liderimiz Türkmenistanda çagalaryň abadan durmuşynyň bähbidine halkara tagallalaryň birleşdirilýändigini, gaznanyň döredilmeginiň dört ýyllygy mynasybetli «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahatyň ýokary derejede geçirilmeginiň dünýä döwletleriniň biziň ýurdumyza bolan gyzyklanmasyny has-da artdyrandygyny belledi. Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzda çagalar babatda alnyp barylýan döwlet syýasatyny üstünlikli amala aşyrmakda, döwlet ähmiýetli soraglary çözmekde Ýaşulular geňeşiniň agzalarynyň wajyp orny eýeleýändiklerini, hormatly ýaşulularyň gaznanyň işine uly goldaw berýändiklerini nygtady hem-de durmuşa geçirilen işler, Garaşsyzlyk baýramyna taýýarlyk görmek boýunça ýerlerde alnyp barylýan çäreler barada çykyş etmek üçin geňeşiň agzalaryna söz berdi.

Ilki bilen, Ahal welaýatyna wekilçilik edýän ýaşuly Gurbangeldi Aýlyýew çykyş etdi. Ol çykyşynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda edermen babadaýhanlarymyzyň 1 million 400 müň tonnadan gowrak ak bugdaýy Watan harmanyna tabşyrmagy mynasybetli Gahryman Arkadagymyzy we Arkadagly Gahryman Serdarymyzy tüýs ýürekden gutlady. Munuň özi daýhanlarymyza döwlet tarapyndan edilýän hemaýat-goldawlaryň aýdyň netijesidir. Bu ýetilen sepgide Ahal welaýatynyň zähmetsöýer babadaýhanlarynyň hem mynasyp goşant goşmagy buýsandyryjy ýagdaýdyr. G.Aýlyýew ata Watanymyzyň senagat taýdan ösen döwlete öwrülendigini nygtap, ýurdumyzda önümleri gaýtadan işleýän kärhanalaryň, elewator toplumlarynyň, ýyladyşhanalaryň, sowadyjy ammarlaryň ýylyň ähli paslynda azyk bolçulygyny üpjün etmäge goşant goşýandygyny aýtdy.

«Beýik döwleti beýik şahsyýetler berkarar edýärler. Berkarar döwletimiziň dünýä dolan at-abraýy, şan-şöhraty, Gahryman Arkadagymyz, Siziň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň mertebeli ady bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Hudaýa şükür, biziň her bir gowy zatdan nesibämiz, bagtly ykbalymyz bar, eşretli durmuşymyz, beýik geljegimiz bar. Bizde şu mukaddeslikleriň gadyr-gymmatyna düşünýän, döwrümize, döwletimize buýsanýan agzybir halkymyz bar. Diýmek, biziň mizemez bagtymyz bar» diýip, Ahal welaýatynyň wekili Gahryman Arkadagymyza we döwlet Baştutanymyza welaýatyň ähli ilatynyň adyndan çuňňur hoşallygyny beýan etdi.

Milli Liderimiz çykyş üçin minnetdarlyk bildirip, indiki söz nobatyny Balkan welaýatyna wekilçilik edýän ýaşuly Abdyrahman Begjanowa berdi. Ol hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň degişli maksatnamasynyň amala aşyrylmagyna badalga berlendigini aýdyp, häzirki döwürde döwletimiziň sazlaşykly ösüşli ýol bilen öňe tarap ynamly gadam urýandygyny nygtady. Şunda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän özgertmeler, döwlet derejesinde kabul edilýän maksatnamalar dünýä nusgalykdyr.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň halkymyz üçin rysgal-berekediň, bolçulygyň, bagtyýarlygyň ýyly bolandygyny aýdyp, A.Begjanow Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň yzygiderli tagallalary netijesinde ýurdumyzyň kuwwatly, hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösüş ýoluna düşendigini aýratyn belledi. Şeýle hem ol hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwer ýörelgesi esasynda amala aşyrylýan işleriň ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösmegine, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlanmagyna itergi berendigini nygtady. Welaýatlarda önümçilik kärhanalarynyň, zawod-fabrikleriň, Balkanabat Halkara howa menziliniň gurulmagy, Türkmenbaşy Halkara howa menziliniň döwrebaplaşdyrylmagy hem ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşine uly täsir edýär. «Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen agzybir halkymyz bir supra jemlenip, eşretli durmuşyň hözirini görüp ýaşaýar. Aýlyk zähmet haklary, pensiýalar, döwlet tarapyndan berilýän kömek pullary, babadaýhanlarymyz tarapyndan ýetişdirilip, döwlet ammaryna tabşyrylan hasyl üçin hasaplaşyklar öz wagtynda geçirilýär. Syýasy, ykdysady taýdan ähmiýetli bolan beýik işler asyrlara uzap gider we bagtyýar nesillerimize hyzmat eder. Bu bolsa parahatçylygy, dost-doganlygy berkitjek beýik işlerdir» diýip, balkanly ýaşuly sözüni jemledi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy A.Begjanowa minnetdarlyk bildirip, Daşoguz welaýatyna wekilçilik edýän ýaşuly Henip Zahyrowa söz berdi. Ol wagt tapyp, möhüm meseleler boýunça ýaşulular bilen pikir alyşýandygy üçin Gahryman Arkadagymyza hoşallyk bildirip, munuň halkymyzyň taryhyň dowamynda döreden asylly ýörelgeleriniň şu günüň ruhuna kybap derejede dowam edýändigini görkezýändigini aýtdy. Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň, Milli Liderimiziň tagallalary netijesinde halkymyz bagtyýar durmuşyň hözirini görüp ýaşaýar, ýurdumyz toý-baýramlara beslenýär.

H.Zahyrow türkmen halkynyň pähim-paýhasynyň, ýurdumyzyň ynsanperwer syýasatynyň halkara giňişlikde ykrar edilýändigini, şunda ýaşularyň gazanylýan üstünlikleri, halkymyzyň dünýä nusgalyk däp-dessurlaryny wagyz etmäge işjeň gatnaşýandyklaryny belläp, ýaşlary watançylyk, zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemek ugrunda ähli tagallalaryny gaýgyrmaýandyklaryna ynandyrdy. Türkmen halkynyň «Agzybir il aşa ýeter» diýen paýhasly jümlesi häzirki döwürde Diýarymyzda amala aşyrylýan beýik işlerde öz beýanyny tapýar. Ýurdumyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk toýuna, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine taýýarlyk işleriniň ýokary derejede alnyp barylýandygyna ünsi çekip, H.Zahyrow bu işde ýaşuly nesliň mynasyp paýynyň bardygyny nygtady. «Ýurdumyzyň ähli ilaty bilen bir hatarda, Daşoguz welaýatynyň halky hem gazanylýan üstünliklere we zähmet ýeňişlerine buýsanýar. Bu işe halk köpçüligi öz mynasyp goşandyny goşmak ugrunda tagalla edýär» diýip, hormatly ýaşuly belledi we halkymyzyň bagtyýarlygynyň, ýurdumyzyň abadançylygynyň bähbidine gönükdirilen beýik işler üçin hormatly Prezidentimize, Gahryman Arkadagymyza hoşallyk bildirdi.

Soňra Ýaşulular geňeşiniň nobatdaky mejlisi Lebap welaýatyna wekilçilik edýän ýaşuly Ereş Talipowyň çykyşy bilen dowam etdi. Ol Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan beýik özgertmeleriniň häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýändigini belläp, halkymyzyň ynsanperwer däpleriniň, döwletli tutumlarynyň giňden dabaralanýandygyny nygtady. Munuň özi Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan ynsanperwer işlerinde-de öz beýanyny tapýar.

Hormatly ýaşuly haýyr-sahawat gaznasynyň döredilendigi üçin ähli halkymyzyň, aýratyn-da, gaznanyň sahawat-ýardamyndan haýyr-şypa tapan ýüzlerçe çagajyklaryň, olaryň ene-atalarynyň yzygiderli hoşallyk sözlerini aýdýandyklaryny belläp, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda bu düzümiň döredilmegine dört ýyl bolandygyny nygtady. Ol häzirki döwürde gaznanyň mümkinçilikleriniň artýandygyny, ýurdumyzyň daşary döwletlerde hem hemaýat-goldawa mätäçlere ynsanperwerlik goluny uzadýandygyny aýtdy. Bu ugurda haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň uly hyzmatlarynyň bardygyny aýratyn bellemek gerek. Gaznanyň wise-prezidentiniň eneleriň we körpeleriň, şol sanda mümkinçiligi çäkli çagalaryň saglygy ugrunda alnyp barylýan işler bilen yzygiderli tanyşmagy il-halkymyzda uly hoşallyk döredýär. «Ajaýyp Arkadag şäherinde lukmançylyk edaralarynyň şepagat uýalary üçin okuw merkezini açmak bilen bagly teklip ýa-da «Arkadag Medisina Klasteri Menejment» kärhanasynda çagalaryň sagdyn ösmegi üçin zerur bolan witaminler toplumyny öndürmegiň göz öňünde tutulmagy hem Oguljahan Atabaýewanyň üstünlikli alyp barýan işleriniň netijesidir. Ýaşulular geňeşiniň agzasy hökmünde halk arasynda bolup, ýerlerde geçirilýän wagyz-nesihat çärelerine gatnaşanymyzda, watandaşlarymyzyň halk bähbitli işler, edilýän aladalar, hususan-da, hemaýat-goldawa mätäçlere berilýän ynsanperwer kömekler üçin Size, hormatly Prezidentimize aýdýan alkyş-hoşallyklarynyň şaýady bolýarys» diýip, E.Talipow çykyşyny Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallygyny beýan etmek bilen jemledi.

Milli Liderimiz çykyş üçin minnetdarlyk bildirip, Mary welaýatynyň ýaşaýjysy Allaberdi Çaryýewe söz berdi. Ol ýurdumyzyň Garaşsyzlyk ýyllary içinde ähli ugurlar boýunça ägirt uly ösüşleri gazanandygyny, Diýarymyzyň ähli künjeklerinde gurlup ulanmaga berlen dürli maksatly binalaryň obalaryň we şäherleriň keşbini düýpli özgerdendigini nygtap, alnyp barylýan beýik işler üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza Mary welaýatynyň ähli ilatynyň adyndan hoşallyk bildirdi.

Ýaşuly halkymyzyň bagtyýarlygy, nurana geljegi ugrunda alnyp barylýan giň möçberli işleriň oňyn netije berýändigini aýtdy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlislerinde halkymyz üçin ähmiýetli meselelere garalmagy munuň aýdyň mysalydyr. A.Çaryýew çykyşynyň ahyrynda ajaýyp döwrümizde ýaşuly nesliň jemgyýetimizde eýeleýän ornuna we ýaşlary watançylyk, halallyk, ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemek ugrunda edýän tagallalaryna mynasyp baha berilýändigi üçin ähli ýaşularyň adyndan hoşallyk bildirdi.

Hormatly Arkadagymyz çykyş etmek üçin Aşgabat şäherine wekilçilik edýän ýaşuly Italmaz Saparlyýewe söz berdi. Ol jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy bolan her bir adamyň abadan durmuşda ýaşamagy, döredijilikli zähmet çekmegi, mynasyp dynç almagy ugrunda ähli zerur şertleriň döredilýändigi üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza hoşallyk bildirdi.

I.Saparlyýew ýurdumyzyň halk hojalygynyň ähli pudaklarynda uly ösüşleri gazanýandygyny, şunda jemi içerki önümiň ösüş depgininiň durnukly saklanýandygyny, bu görkezijileriň döwletimiziň ykdysady taýdan kuwwatlanýandygynyň, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanýandygynyň aýdyň netijesidigini belledi. Munuň özi dünýäde parahatçylygy, hyzmatdaşlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek meselelerini esasy ugur edinýän ýurdumyzyň ähli ugurlarda uly ösüşleri gazanýandygyny görkezýär. Şeýle-de ol ýakynda Hazar deňziniň türkmen kenarynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň guramaçylykly geçirilmeginiň we onuň jemleri boýunça 2024 — 2034-nji ýyllar aralygyny öz içine alýan onýyllyk üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň yglan edilmeginiň we Awaza syýasy Jarnamasynyň kabul edilmeginiň Türkmenistanyň halkara giňişlikdäki abraýynyň belende galmagyny şertlendirendigini nygtady.

I.Saparlyýew öňde boljak jemgyýetçilik-syýasy çäreleriň üstünlikli geçiriljekdigine ynam bildirip, bu ugurda yzygiderli tagalla edýän hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden çykýan hoşallygyny beýan etdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri hemmelere minnetdarlyk bildirip, jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy bolan adamlaryň abadan durmuşda ýaşamaklary, döredijilikli zähmet çekmekleri, mynasyp dynç almaklary babatda ähli zerur şertleriň döredilmeginiň ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridigini belledi. Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ilerletmek, jemgyýetimizi yzygiderli demokratiýalaşdyrmak boýunça kabul edilen maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirmek, ýurdumyzyň sebitlerini durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, ilatyň gündelik zerurlyklaryny we isleglerini kanagatlandyrmak boýunça netijeli işleri alyp barmagyň esasy wezipeleriň biridigini aýdyp, Gahryman Arkadagymyz mejlise gatnaşyjylaryň bu işlere mynasyp goşant goşjakdyklaryna ynam bildirdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Ýaşulular geňeşiniň agzalary bilen birnäçe döwletli soraglara garalandygyny aýdyp, geňeşiň täze agzalaryna işlerinde üstünlikleri arzuw etdi. Şeýlelikde, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini ýokary guramaçylykly geçirmek bilen bagly işlere badalga berildi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň nobatdaky mejlisiniň jemlenendigini aýdyp, hemmelere alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.



## Meeting of the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan and the Secretary of State of the United States of America

On August 20, 2025, in Washington DC., a meeting was held between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the Secretary of State of the United States of America Marco Rubio, during which the current state and prospects for the development of bilateral cooperation between Turkmenistan and the United States, as well as international issues of mutual interest were discussed.

The parties paid special attention to political-diplomatic cooperation at the bilateral level and within the framework of joint activities in international organizations.

At the same time, the importance of regular contacts between the Foreign Ministries of the two countries was emphasized, one of the effective forms of which is the annual bilateral consultations between the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan and the US Department of State.

The diplomats noted that the most important area of bilateral relations is economic partnership, noting that its main components at present should be interaction in the investment and technological spheres. The Turkmen-American Business Council, which includes leading American companies, plays an important role in the development of economic ties.

The heads of the foreign policy departments spoke in favor of further increasing the potential for joint activities in such areas as education, science, culture and other socially significant areas.

The Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan and the US Secretary of State agreed to continue regular contacts with the aim of intensifying Turkmen-American relations.



## The next round of Turkmen-American political consultations took place in the USA



On August 20, 2025, the eleventh round of annual bilateral political consultations between Turkmenistan and the United States of America was held in Washington.

During the consultations, the Turkmen side was headed by the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov, and the American side was headed by the Deputy Assistant Secretary of the US Department of State for South and Central Asian Affairs John Mark Pommersheim.

At the meeting, the parties discussed the current state and prospects for the development of Turkmen-American relations, and also exchanged views on current issues on the international agenda.

The parties reaffirmed their commitment to developing relations between the Turkmenistan and United States, including cooperation in the field of security, expansion of trade-economic ties, and intensification of partnership within the framework of the regional diplomatic platform "C5+1".

The issues of implementing bilateral projects with leading American companies were also considered and prospects for expanding their investment opportunities in Turkmenistan were discussed.

In conclusion of the meeting, the parties emphasized that regular bilateral consultations serve as an effective mechanism for the further development of Turkmen-American cooperation.

## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Посол Федеративной Республики Германии посетила посольство Туркменистана в Исламабаде***

18 августа 2025 года новый посол Федеративной Республики Германия в Пакистане г-жа Ина Лепел посетила посольство Туркменистана в Исламабаде.

В ходе состоявшейся здесь встречи с послом Туркменистана А.Мовламовым стороны провели плодотворную беседу, посвящённую региональному развитию и общим приоритетам. Обе стороны выразили свою приверженность содействию стабильности, укреплению мира и расширению регионального сотрудничества.

Посол А.Мовламов проинформировал г-жу Ина Лепел об инициированных Туркменистаном инфраструктурах и энергетических проектах с участием Пакистана и Афганистана, подчеркнув их потенциал для содействия экономическому росту и региональной взаимосвязанности.

***Встреча Посла Туркменистана в Республике Казахстан с Постоянным Координатором ООН в Астане***

15 августа 2025 года состоялась встреча Посла Туркменистана в Республике Казахстан Б.Реджепова с Постоянным координатором Организации Объединённых Наций в Астане с г-жой Саранго Радна.

В ходе встречи стороны отметили важную роль сотрудничества Туркменистана с ООН, в продвижении международного взаимодействия.

Особый акцент был сделан на значимость проведения Третьей конференции ООН по странам, не имеющим выхода к морю (LLDC3), которое проходило 5-8 августа 2025 года в национальной туристической зоне «Аваза», в год 30-летия обретения Туркменистаном статуса постоянного Нейтралитета и 80-летия основания Организации Объединённых Наций.

Вместе с тем, стороны обменялись мнениями касательно проведения совместных мероприятий.

**Посол Туркменистана в Минске встретился со студентами ведущего белорусского вуза**

21 августа в здании Белорусского национального технического университета (БНТУ) посол Туркменистана в Минске Назаргулы Шагулыев встретился с туркменскими студентами этого престижного вуза. Мероприятие было организовано в контексте Международного года мира и доверия, а также 30-летия нейтралитета Туркменистана — важных дат 2025 года, которые напоминают о ценностях мира, стабильности и дружбы.

Перед началом торжества дипломат побеседовал с проректором БНТУ по учебной работе, доктором технических наук Олегом Гусевым. Они обсудили перспективы развития сотрудничества в области образования и науки, а также вопросы улучшения условий обучения и проживания студентов. Это был диалог, наполненный взаимным уважением и желанием сделать учебный процесс еще более интересным и комфортным.

На самом мероприятии присутствовали ректорат, преподаватели и студенты. Обращаясь к учащейся молодежи, Посол Шагулыев рассказал о том, как за годы независимости Туркменистан прошел путь масштабных преобразований: от реализации социальных и экономических реформ до укрепления международного авторитета. Он подчеркнул, что страна продолжает идти по пути мира и добрососедства, опираясь на политику открытости и сотрудничества.

Особое место в его речи заняли слова о значении нейтралитета — 30 лет этого статуса сделали Туркменистан надежным партнером в регионе и мире. Посол также призвал студентов воспитывать в себе высокие нравственные качества, патриотизм и уважение к традициям. Он подчеркнул, что именно эти черты помогают формировать гармоничную личность — будущего специалиста, который сможет достойно представлять свою страну на международной арене.

В рамках встречи были показаны видеоролики о жизни современного Туркменистана и его успехах — материалы, подготовленные Посольством. Мероприятие стало ярким напоминанием о том, что дружба между народами строится на взаимном уважении, доверии и общих ценностях.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***